***Şu gün, 28-nji noýabrda Almaty şäherinde Gazagystan Respublikasynyň Daşary işler ministrligi tarapyndan Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebitleýin merkeziniň (RCPPCA) ýardam bermeginde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň 15-nji duşuşygy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi habar berýär.***

Duşuşyga Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Daşary işler ministrleriniň orunbasarlary, BMG-niň Owganystana ýardam bermek boýunça missiýasynyň, BMG-niň syýasy meseleler we parahatçylygy gurmak meseleleri boýunça bölüminiň, şeýle hem RCPPCA-nyň wekilleri gatnaşdylar.



Türkmen tarapyna Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi B.Rejepow wekilçilik etdi. Ilçi öz çykyşynda Türkmenistanyň howpsuzlygy, durnukly ösüşi we sebitleýin hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen halkara başlangyçlaryna işjeň gatnaşýandygyny belledi. Şeýle-de Türkmenistanyň hereketleri halkara derejesinde ykrar edilen we BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalarynda berkidilen hemişelik bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýandygy nygtaldy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar sebit we halkara gün tertibiniň möhüm meselelerini, Merkezi Aziýada sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Söwda we ykdysadyýet, ulag-logistika geçelgeleri, suw-energetika we

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026

howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri öz içine alýan sebit hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary boýunça pikir alşyldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены